#01 (23)
понедельник, 4 января 2021 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ WE DÖWLET HOWPSUZLYK GEŇEŞINIŇ BILELIKDÄKI MEJLISI GEÇIRILDI

2020-nji ýylyň 30-njy dekabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Täze ýylyň öňüsyrasynda Ruhyýet köşgünde Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň 2020-nji ýyl üçin bilelikdäki soňky mejlisini geçirdi. Şeýle-de mejlise Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň häkimleri hem çagyryldy.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy G.Mämmedowa söz berildi. Ol Türkmenistanyň Prezidentiniň geljek ýylyň şygaryny we nyşanyny kesgitlemek boýunça öňde goýan wezipeleriniň ýerine ýetirilişi barada maglumat berdi. 2021-nji ýyly «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýip yglan etmek hakyndaky teklip öňe sürüldi hem-de Täze ýylyň nyşanynyň taslamasy döwlet Baştutanynyň garamagyna hödürlenildi.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy boýunça ýyla ähmiýetli şygaryň berilmegi indi asylly däpleriň birine öwrüldi. Munuň özi döwletiň we jemgyýetiň häzirki zaman ösüşiniň möhüm tapgyrlaryna aýratyn ünsi çekmäge mümkinçilik berýär.

Döwlet Baştutanynyň başlangyjy bilen ykrar edilen bu şygar türkmen halkyndan, döwlet edaralaryndan, iri jemgyýetçilik guramalaryndan we syýasy partiýalardan gelip gowşan köp sanly teklipler nazara alnyp öňe sürüldi. Onuň manysy Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 73-nji mejlisinde Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň başlangyjy boýunça kabul edilen «2021-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnama gabat gelýär.

Şeýle hem milli parlamentiň Başlygy geljek ýylyň nyşanynyň Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň garamagyna hödürlenilýän taslamasynyň yglan edilen bäsleşigiň netijeleri boýunça saýlanyp alnandygyny hem habar berdi.

Soňra Türkmenistanyň Prezidenti mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, tamamlanyp barýan ýylda ýerine ýetirilen işleriň jemini jemledi.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 25 ýyllyk şanly baýramynyň bellenen ýyly hökmünde ýurdumyzyň taryhynda müdimilik galjak 2020-nji ýyl tamamlanyp barýar. Bu ýyl biziň üçin örän agyr we çylşyrymly boldy diýip, döwlet Baştutany nygtady.

Dünýäde koronawirus pandemiýasynyň giňden ýaýramagyna, ykdysadyýetiň pese düşmegine, ähli döwletlerde işewürligiň we serhetleriň ýapylmagyna garamazdan, Türkmenistanyň daşary syýasy hem-de ykdysady işjeňligini pese düşürmändigi bellenildi.

Garaşsyz Türkmenistan beýleki ýurtlar, esasy halkara guramalar bilen gatnaşyklaryny bellenen derejede giňeltdi we berkitdi. Örän möhüm halkara soraglary çözmäge gönükdirilen netijeli teklipler bilen çykyş etdi diýip, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow aýratyn nygtady.

Geçip barýan ýylda halkara saparlaryň hem amala aşyrylandygy bellenildi. Türkmenistanyň Prezidenti resmi sapar bilen Azerbaýjan Respublikasynda boldy. Gazagystan Respublikasynyň Premýer-ministriniň Türkmenistan iş sapary amala aşyryldy.

Şeýle hem maslahata gatnaşyjylara döwlet Baştutanymyzyň onlaýn görnüşde ýokary derejede geçirilen ençeme köptaraplaýyn duşuşyklara, şol sanda: Türki dilli döwletleriň Hyzmatdaşlyk geňeşiniň «COVID-19» pandemiýasyna garşy göreşde hyzmatdaşlyk we raýdaşlyk» atly mowzuk bilen geçirilen ýokary derejedäki wideoduşuşygyna; Goşulyşmazlyk Hereketiniň Gatnaşyk toparynyň «Bilelikde COVID-19-a garşy» atly mowzuk bilen geçirilen ýokary derejedäki duşuşygyna; Türkmenistanyň, Owganystanyň, Azerbaýjanyň Prezidentleriniň arasynda geçirilen üç taraplaýyn duşuşyga; Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisine gatnaşandygy habar berildi.

Şeýle hem Türkmenistanyň Prezidenti Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisinde hem-de Halkara Demirgazyk ykdysady hyzmatdaşlyk forumynda wideoýüzlenme bilen çykyş etdi. Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyň Baş direktory bilen duşuşdy.

Türkmen tarapynyň möhüm halkara meseleleri çözmäge gönükdirilen netijeli teklipleri dünýäniň esasy halkara guramalar tarapyndan biragyzdan goldanyldy diýip, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow sözüni dowam etdi.

Muňa mysal hökmünde Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza ýurtlaryň daşary işler ministrleriniň Geňeşiniň 47-nji mejlisinde «Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy sebitinde we tutuş dünýäde halkara parahatçylygy, howpsuzlygy hem-de durnukly ösüşi saklamakda we pugtalandyrmakda bitaraplyk syýasatynyň orny» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilendigini görkezmek bolar diýip, döwlet Baştutany sözüni dowam etdi.

Türkmenistanyň başlangyjy boýunça we Milletler Bileleşigine agza döwletleriň biragyzdan goldamagy bilen 2020-nji ýylyň 7-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisinde «Halkara parahatçylygy, howp-

*(Dowamy 3-nji sahypada).*

# THE FINAL ASHGABAT DOCUMENT WAS PUBLISHED IN THE OFFICIAL LANGUAGES OF THE UN AND FORMALLY CIRCULATED AMONG THE MEMBER STATES

The Office of the Permanent Representative of Turkmenistan at the United Nations has shared good news. The Final Document of the International Conference "Policy of Neutrality and Its Role in Provision of Universal Peace, Security and Sustainable Development" which was chaired by the President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov on December 12, 2020, has been published in six official languages of the United Nations and formally circulated among the Member States. In the language of international diplomacy, it will be called the Final Ashgabat Document.

As known, the Conference was held on the 12th of December 2020. It consisted of a special session and was attended by the leadership of Mejlis (Turkmen Parliament), Deputy Chairmen of the Cabinet of Ministers of Turkmenistan, heads of the ministries and departments of the country, chiefs of the diplomatic missions and representations of international organizations in Turkmenistan, rectors of the higher educational institutions of Turkmenistan, heads and representatives of local mass media, as well as the accredited foreign press.

The Conference started with the address of the President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov. Then, the participants heard the video statements of the UN Secretary General António Guterres, Secretary General of the Organization of Islamic Cooperation Dr.Yousef Bin Ahmad Al-Othaimeen, Chairman of the Executive Committee - CIS Executive Secretary Sergei Lebedev, Secretary General of the Shanghai Cooperation Organization Vladimir Norov, and UNESCO Director General Audrey Azoulay.

During the speeches, the unique role of Turkmenistan in promotion of the universal peace, stability, security and sustainable development was noted. The importance of the positive neutrality policy carried out by the President of Turkmenistan was stated.

After the special session, the Conference continued in plenary sessions that took place in various institutions of higher education of Turkmenistan. These ple-

*(continuation on the 2nd page).*

Türkmenistanyň Prezidentiniň
PERMANY

B.D.REJEPOWA
Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçi diýen diplomatik derejäni bermek hakynda

Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçi diýen diplomatik derejäni bermek hakynda Batyr Durdymuratowiç Rejepowa Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçi diýen diplomatik derejäni bermeli.

Türkmenistanyň Prezidenti
Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.

Aşgabat şäheri, 2020-nji ýylyň 31-nji dekabry.

---

Türkmenistanyň Prezidentiniň
PERMANY

B.D.REJEPOW hakynda

Batyr Durdymuratowiç Rejepowy Türkmenistanyň Gazagystan Respublikasyndaky (Nur-Sultan şäheri) Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi wezipesine bellemeli.

Türkmenistanyň Prezidenti
Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.

Aşgabat şäheri, 2020-nji ýylyň 31-nji dekabry.

Интернет газета
Международные новости

# СОСТОЯЛСЯ ТЕЛЕФОННЫЙ РАЗГОВОР МЕЖДУ ПРЕЗИДЕНТАМИ ТУРКМЕНИСТАНА И РЕСПУБЛИКИ УЗБЕКИСТАН

30 декабря 2020 года состоялся телефонный разговор между Президентом Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедовым и Президентом Республики Узбекистан Шавкатом Мирзиёевым.

В ходе конструктивной беседы главы двух дружественных государств тепло приветствуя друг друга, обменялись поздравлениями с наступающим Новым, 2021 годом и пожелали здоровья, счастья, больших достижений во всех начинаниях на благо туркменского и узбекского народов.

Лидеры дружественных стран с удовлетворением констатировали высокий уровень доверия и взаимопонимания, неизменно присущий двустороннему диалогу, а также подтвердили наличие благоприятных перспектив для дальнейшего наращивания сотрудничества во всех сферах.

Было особо подчёркнуто, что стороны придают огромное значение укреплению взаимодействия в рамках авторитетных международных организаций, в том числе Содружества Независимых Государств, где в текущем году председательствовала Республика Узбекистан.

В данной связи Президент Гурбангулы Бердымухамедов отметил, что в уходящем году человечество столкнулось с крайне серьёзным вызовом, охватившим обширное географическое пространство, повлиявшим на жизнь многих государств и народов, но Узбекистан достойно провёл большинство запланированных мероприятий, нацеленных на упрочение партнёрства в рамках Содружества.

Поблагодарив за добрые слова, глава дружественного государства подчеркнул, что Узбекистан высоко оценивает усилия туркменского лидера по активизации политико-правовых, торгово-экономических и гуманитарных связей стран СНГ, приданию региональному сотрудничеству нового качества.

Президенты Гурбангулы Бердымухамедов и Шавкат Мирзиёев отметили солидный потенциал для дальнейшего наращивания многопланового партнёрства, в том числе в топливно-энергетическом комплексе, индустриальном секторе, транспортно-коммуникационной сфере, АПК и по ряду других направлений и совместных проектов, отвечающих целям экономического процветания обеих стран и региона в целом.

Собеседники отметили положительную динамику развития двусторонних торгово-экономических связей. Была выражена готовность усилить взаимодействие между политическими партиями и законодательными органами, далее поощрять прямые контакты и обмены.

Были рассмотрены планы по проведению совместных мероприятий на межгосударственной основе, в том числе деловых и культурных, и контактов на уровне международных структур, прежде всего Организации Объединенных Наций. Обсуждались также вопросы подготовки к очередной Консультативной встрече глав государств Центральной Азии в предстоящем году.

В завершение беседы, Президент Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов и Президент Республики Узбекистан Шавкат Мирзиёев выразив уверенность, что отношения двух государств, опирающиеся на историко-культурную общность, многовековые добрососедские связи, будут и впредь успешно развиваться, вновь обменялись поздравлениями с наступающим Новым годом и пожеланиями дальнейшего благополучия и процветания народам обеих стран.

Телефонный разговор состоялся по инициативе узбекской стороны.

# THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN HELD A TELEPHONE CONVERSATION WITH THE PRESIDENT OF TURKEY

On the 1st of January 2021, the President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov spoke over the phone with his counterpart, the President of the Republic of Turkey Recep Tayyip Erdoğan.

The Presidents congratulated each other with the New Year and exchanged wishes of good health, happiness and further success in all the work being done for the sake of the people of Turkmenistan and Turkey.

During the conversation, the Leaders reiterated the high level Turkmen-Turkish relations on a wide range. They confirmed that the centuries-old friendly ties serve as a firm basis for further strengthening of cooperation between the two states. The multifaceted cooperation encompasses the political and diplomatic, trade, economic, cultural and humanitarian spheres. Constructive partnership continues in the framework of international organizations on the principles of mutual understanding, trust and support.

The parties expressed satisfaction with the positive dynamics of trade and economic ties, as well as emphasized the importance of further expansion of partnership in the area of energy, transport and communication, and the industrial sectors.

It was stated that humanitarian dimension stands as an integral part of bilateral relations. The closeness of historical, cultural and spiritual values unites the peoples of Turkmenistan and Turkey. In this regard, the Presidents voiced the need for further deepening of multilateral contacts in the field of science, education, culture and health.

In conclusion of the talk, the Presidents Gurbanguly Berdimuhamedov and Recep Tayyip Erdoğan once again exchanged congratulatory words on the occasion of the New Year and expressed warm wishes of well-being and prosperity to the fraternal people of two countries.

The telephone conversation took place at the initiative of the Turkish side.

# TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

***2021-nji ýyly «Türkmenistan — parahatçylygyň we ýnanyşmagyň Watany» diýip yglan etmek hakynda***

Çuňňur hormatlanylýan Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen yglan edilen «Türkmenistan — Bitaraplygyň mekany» ýyly ýurdumyz üçin taryhy ähmiýetli ýyl boldy. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 25 ýyllygynyň giňden bellenilip geçilmegi ýurdumyzyň gazanan ägirt uly üstünliklerini, ýeten sepgitlerini dünýä jemgyýetçiligine ýetirmäge mümkinçilik berdi.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen ýurdumyzda konstitusion özgertmeleriň geçirilmegi we iki palataly kanun çykaryjy edaranyň döredilmegi 2020-nji ýylyň möhüm syýasy wakasy hökmünde görkezmek bolar. Munuň özi agzybir halkymyzyň öz milli Lideriniň töweregine has-da mäkäm jebisleşýändiginiň hem-de Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletiniň döwletlilik binýadynyň has-da pugtalanýandygynyň subutnamasydyr.

Däp boýunça ýurdumyzda her ýylyň döwrebap atlandyrylmagy halkymyzyň abadançylygyny, raýatlarymyzyň watançylyk ruhuny, olaryň Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe amala aşyrylýan giň möçberli durmuş-ykdysady özgertmelere goşant goşmak hyjuwyny şöhlelendirýär.

Taryhy taýdan gysga möhletiň içinde Garaşsyz ýurdumyz özüniň Bitaraplyk hukuk derejesine daýanyp, Ýer ýüzüniň köp döwletleri, abraýly halkara guramalar bilen dünýäde parahatçylygyň, ählumumy howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň hatyrasyna dostlukly, birek-birege ýnanyşmak, deňhukukly hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan gatnaşyklary ýola goýmagyň gymmatly tejribesini toplady. Türkmenistanyň teklibi bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «2021-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ýnanyşmak ýyly» Kararnamasynyň kabul edilmegi biziň ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli syýasatynyň dabaralanýandygynyň ýene-de bir subutnamasydyr.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe döwletimiziň giň halkara hyzmatdaşlyk, ýnanyşmak we dostluk ýörelgelerine esaslanýan içeri we daşary syýasatyny giňden wagyz etmek hem-de dünýä ýaýmak, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllygyny şöhratlandyrmak, raýatlarymyzyň watançylyk ruhuny has-da belende götermek, ýaş nesli Türkmenistana uly buýsanç, çäksiz söýgi we watanperwer ruhunda terbiýelemek maksady bilen, şeýle hem 2021-nji ýyly «Türkmenistan — parahatçylygyň we ýnanyşmagyň Watany» diýip atlandyrmak hakynda hormatly Prezidentimiziň başlangyjyny goldap hem-de ýurdumyzyň döwlet edaralaryndan, guramalaryndan, kärhanalaryndan, iri jemgyýetçilik birleşiklerinden we raýatlarymyzdan gelip gowşan köp sanly teklipleri nazara alyp, Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

2021-nji ýyly «**Türkmenistan — parahatçylygyň we ýnanyşmagyň Watany**» diýip yglan etmeli.

***Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy***
***G.MÄMMEDOWA.***

Aşgabat şäheri.
2020-nji ýylyň 30-njy dekabry.

# THE FINAL ASHGABAT DOCUMENT WAS PUBLISHED IN THE OFFICIAL LANGUAGES OF THE UN AND FORMALLY CIRCULATED AMONG THE MEMBER STATES

***(beginning on the 1st page)***

nary sessions were held in hybrid format and were attended by high-ranking officials of Turkmenistan, diplomats, representatives of international organizations.

Upon the results of the International Conference "Policy of Neutrality and Its Role in Provision of Universal Peace, Security and Sustainable Development," the Final Ashgabat Document was adopted.

The Document consists of 16 points. It reflects the important role of the policy of neutrality in the development of peaceful, friendly and beneficial relations between the countries of the world. It recommends to all the Member States of the United Nations to support the implementation of active neutral policy which prescribes to pursue peaceful regulation means while resolving and preventing conflicts and disputes.

It is highlighted in the document that the national policy of neutrality encourages the use of preventive diplomacy, which is one of the main functions of the United Nations, including conflict prevention, mediation, conducting talks, provision of good services, involvement of special messengers, unofficial consultations, peace-building and targeted activity in the development sphere. In this regard, the importance of the UN Regional Center of Preventive Diplomacy for Central Asia which is functioning in Ashgabat since 2007 is noted in the document.

The document also supports the initiatives of Turkmenistan in the development of the UN Code of Practice for efficient application of the principles of neutrality during regulation of international issues. It highlights the importance of economic and geo-economic aspects of national neutrality for stable and long-term trade and economic relations between the states.

The document confirms special humanitarian importance of the neutrality policy and its positive role under complex situations and natural disasters.

The document calls all Member States of the United Nations, international and regional organizations, non-governmental associations and private persons, including the youth, to hold events to raise the awareness of the public about the role and importance of the policy of neutrality aimed at strengthening of universal peace, security and sustainable development. These events could be held annually to mark the International Neutrality Day.

The Final Ashgabat Document highlights the importance of high-level forums on strengthening the role of neutrality policy. Such Forums can be held at least once in five years to promote the dialog on strengthening of global peace and security.

In the final part of the document, gratitude and appreciation is expressed to the Government and people of Turkmenistan for organizing the International Conference "Policy of Neutrality and Its Role in Provision of Universal Peace, Security and Sustainable Development", which was held under the chairmanship of President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov in Ashgabat on the occasion of the 25th anniversary of permanent neutrality of Turkmenistan.

Интернет газета
Международные новости

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ WE DÖWLET HOWPSUZLYK GEŇEŞINIŇ BILELIKDÄKI MEJLISI GEÇIRILDI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

suzlygy saklamakda we pugtalandyrmakda hem-de durnukly ösüş işinde bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti» atly Kararnama kabul edildi.

Türkmenistan öz tarapyndan Owganystanda durmuş-ykdysady taslamalary amala aşyrmaga ýardam bermek arkaly bu ýurdy hemmetaraplaýyn goldamak boýunça hem netijeli işleri alyp bardyk diýip, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow belledi.

Umuman, Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary ýurt döwletleriniň resmi wekilleri, şol sanda döwlet hem-de hökümet Baştutanlary, ýurdumyzda ýerleşen diplomatik wekilhanalaryň baştutanlary, şeýle hem dürli halkara korporasiýalaryň we kompaniýalaryň ýolbaşçylary bilen 20 gezek ikitaraplaýyn duşuşygy, 40 gezek hem telefon arkaly söhbetdeşligi geçirildi diýip, döwlet Baştutany aýtdy.

Şunuň bilen baglylykda, döwletiň daşary syýasatynyň baş ugrunyň, ozalkysy ýaly, parahatçylygy, howpsuzlygy we durnuklylygy mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn berkitmäge, Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmaga gönükdirilendigi bellenildi. Türkmenistanyň Prezidenti Ministrler Kabinetiniň, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzalaryna we häkimlere ýüzlenip, ykdysadyýetimizi ösdürmek boýunça kabul edilen döwlet maksatnamalaryny ýerine ýetirmek babatda netijeli işleriň amala aşyrylandygyny kanagatlanma bilen belledi.

Koronawirus pandemiýasy we köp ýurtlaryň çäklendirme çärelerini girizen şertlerinde, daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly üns berildi diýip, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow sözüni dowam etdi.

Dürli senagat pudaklarynda bilelikdäki maýa goýum taslamalaryny ýokary hilli işläp düzüp hem-de amala aşyryp, hyzmatdaşlygy ösdürmegiň täze ugurlaryny kesgitledik diýip, döwlet Baştutany nygtady.

Saglygy goraýyş babatda hem öz wagtynda zerur çäreleriň görlendigi bellenildi. Ýurdumyza ýokanç keselleriň aralaşmagynyň öňüni almak maksady bilen görlen çärelerden daşary, saglygy goraýyş ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny ep-esli berkitdik we häzir hem bu işi dowam edýäris.

Şu ýylyň dowamynda dünýä ölçeglerine laýyk gelýän, iň döwrebap enjamlar bilen üpjün edilen Halkara ýanyk şikeslerini bejeriş merkezi we Estetiki merkez, Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynda häzirki zaman «Bagabat» şypahanasy, Gökdepe etrabynyň Ýzgant obasynda Ýokanç keseller hassahanasy işe girizildi.

Şunuň bilen baglylykda, bolup geçýän özgertmeleri göz öňünde tutup, biz kabul edilen maksatnamalary öz wagtynda ýerine ýetirmek we mähriban halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň pese düşmegine ýol bermezlik üçin, haýal etmän ähli zerur bolan çäreleri gördük diýip, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow nygtady.

Şu ýyl Ministrler Kabinetiniň 49, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň 13 mejlisi, döwlet derejesinde dürli maslahatlaryň hem 57-si geçirildi.

Ministrler Kabinetiniň hem-de Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlislerinde, halkara derejedäki duşuşyklarda çylşyrymly syýasy, ykdysady we durmuş ýagdaýlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu soraglar boýunça döwletimiziň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan ugur alnyp, degişli çözgütler kabul edildi, zerur bolan resminamalara hem gol çekildi.

Türkmenistanyň Prezidenti döwlet dolandyryşy, içerki hem-de daşarky maliýe, söwda ulgamlary, şeýle hem zähmet we haryt bazarlary ýaly ugurlarda özgertmeleri geçirmegiň depginleriniň güýçlendirilendigini aýtdy. Bu bolsa orta möhletli döwürde önümçiligiň möçberlerini ep-esli artdyrmaga mümkinçilik berdi.

Ministrler Kabinetiniň hem-de Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň öz wagtynda dogry kararlary we çözgütleri kabul etmegi, sazlaşykly, netijeli hem-de maksada okgunly işleriň geçirilmegi, şeýle hem mähriban halkymyzyň giňden goldamagy ykdysadyýetde we daşary syýasatda oňyn netijeleri gazanmagyň girewi boldy.

Netijede, çylşyrymly şertlere garamazdan, şu ýyl bize örän köp işleri bitirmek we köp sanly meseleleri çözmek başartdy diýip, döwlet Baştutany Gurbanguly Berdimuhamedow belledi. Häzirki döwürde ýurdumyzda wekilçilikli hem-de kanun çykaryjy häkimiýeti mundan beýläk-de kämilleşdirmek işi alnyp barylýar.

Halkara çäreler ýokary derejede geçirildi. Garaşsyz Watanymyzyň Bitaraplygynyň şanly ýubileýi giňden bellenildi. Umuman, 2020-nji ýyl üçin göz öňünde tutulan meýilnamalaryň ählisi diýen ýaly üstünlikli amala aşyryldy.

Şeýle hem milletiň Lideri geljek ýyl üçin gowy Döwlet býujetiniň kabul edilendigini belledi. Zähmet haklarynyň, pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň möçberini ýene-de 10 göterim artdyrdyk. Zähmet haklaryny tölemekde hem hiç hili mesele ýok.

2020-nji ýylyň üstünlikleri barada aýtmak bilen, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow şu ýyl 1 million 476 müň tonna galla ýygnalyp, ýurdumyzyň azyk howpsuzlygynyň üpjün edilendigini belledi.

Ýurdumyzda 1 million 280 müň tonna pagta hasyly ýygnaldy. Mundan başga-da, häzirki döwürde umumy şertnama bahasy 37 milliard amerikan dollaryndan hem köp bolan önümçilik we durmuş maksatly iki ýarym müňe golaý desganyň gurluşygy alnyp barylýar.

Bu gurluşyklar durmuşa geçirilýän taslamalaryň örän giň gerimlidigi bilen tapawutlanýar. Ýurdumyzyň ähli ýerlerinde ajaýyp binalar gurulýar, täze iri ýaşaýyş toplumlary döredilýär. Müňlerçe kilometre uzaýan tizlikli awtomobildir polat ýollary gurlup, halkara ähmiýetli ulag üpjünçilik ulgamlary emele getirilýär.

Amala aşyrylýan bu tutumly işler biziň ýakyn ýyllarda ýurduň ykdysadyýetini ösdürmäge goşýan saldamly goşandymyzdyr diýip, milletiň Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow belledi hem-de umumy bahasy 7 milliard manada golaý bolan 45 sany iri desganyň şu ýyl işe girizilendigini habar berdi.

Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri özümizde öndürmegiň we beýleki ýurtlara eksport etmäge niýetlenen önümleriň möçberini artdyrmagyň maksatnamalaryny amala aşyrmagyň çäklerinde ýurdumyzda ýerli çig mallary peýdalanýan, häzirki döwrüň tehnikalary hem-de tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylan gurluşyk materiallary senagatynyň kärhanalary guruldy hem-de gurulýar.

Mysal üçin, Lebap welaýatynyň Halaç etrabynda ýokary hilli keramiki önümleri öndürýän, Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda demirbeton önümlerini çykarýan iri zawodlar, Balkan welaýatynyň S.Türkmenbaşy etrabynda gury gurluşyk garyndylary we gips kartony kärhanasy, Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrabynda bezeg metal önümleri zawody ulanylmaga berildi diýip, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow belledi.

Şu ýyl ýurdumyzda umumy meýdany 2 million inedördül metre golaý ýaşaýyş jaýlarynyň, şol sanda otaglarynyň ýerleşişi gowulandyrylan jaýlaryň, çagalar baglarynyň, mekdepleriň, lukmançylyk edaralarynyň we beýleki durmuş maksatly desgalaryň ulanylmaga berilmegi aýratyn guwançly ýagdaýdyr.

Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan halkara gaz geçirijisiniň gurluşygyny we beýleki halkara taslamalary amala aşyrmagy hem dowam edýäris.

Umuman, 2020-nji ýyl hemmeler üçin örän kynçylykly boldy, syýasy we ykdysady babatda dürli ýaramaz wakalar köp bolup geçdi. Ýöne, muňa garamazdan, biz jemi içerki önümiň ösüş depgininiň şu ýyl hem gowy, ýagny 5,9 göterim derejede bolmagyna garaşýarys.

Geçip barýan ýylyň netijelerine baha berip, umuman, örän kynçylykly bolsa-da, bu ýyl biziň üçin oňat ýyl boldy diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow belledi.

Geljekki nesillerimiziň bitiren bu işlerimize mynasyp baha berjekdigine ynanýaryn. Ählumumy çökgünligiň agyr synagyndan geçip, biz öz öňümizde has uly maksatlary we wezipeleri goýarys. Geljek ýyl bolsa belent sepgitleri gazanmagyň ýyly bolar diýip, Prezident aýtdy.

2021-nji ýylda ata Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 30 ýyllyk şanly baýramyny giňden belläris. Bu bolsa, gazanylan netijeleri jemlemegiň hem-de geçilen ýola ser salmagyň döwri bolar. Halkymyz üçin örän möhüm bolan bu senäni anyk işler we täze taslamalary amala aşyrmak bilen belläp geçeris diýip, milletiň Lideri nygtady.

Ýurdumyzyň syýasy ulgamyny döwrebaplaşdyrmak işini hem yzygiderli dowam ederis diýip, döwlet Baştutany Gurbanguly Berdimuhamedow belledi. Türkmenistanyň Milli Geňeşine geljek ýyl geçiriljek saýlawlar Garaşsyz döwletimiz üçin ýene-de bir möhüm waka bolar.

Bu saýlawlaryň ýokary raýat işjeňliginiň hem-de jemgyýetimiziň syýasy kämilliginiň mysalyna öwrüljekdigine ynanýaryn diýip, Türkmenistanyň Prezidenti nygtady.

Mejlisde bellenilişi ýaly, ata-babalarymyzyň müňlerçe ýyl mundan ozal düýbüni tutan demokratiýanyň esaslary ýolbaşçylaryň saýlawly bolmagydyr, her adamyň öz islegini erkin beýan edip bilmegidir. Şeýle hem söz azatlygynyň goralmagydyr we raýat jemgyýetiniň berkidilmegidir. Munuň özi ýurduň ösüşinde esasy orny eýeleýär. Şoňa görä-de, bu kadalaryň ählisi biziň däp-dessurlarymyzda, kanunlarymyzda we tertip-düzgünimizde öz beýanyny tapýar.

Biz ykdysadyýetde, durmuş we ekologiýa ulgamlarynda yzygiderli çäreleriň giň gerimli toplumyny amala aşyrmagy dowam ederis. Ilatyň ähli gatlaklarynyň zerurlyklaryna we isleglerine düýpli üns bereris.

Saglygy goraýşyň mümkinçiliklerini yzygiderli berkidip, zerur bolanda, bu ulgamyň maddy-enjamlaýyn binýadyny has-da pugtalandyrmak üçin goşmaça serişdeleri goýbereris diýip, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow belledi.

Şoňa görä-de, häzirki döwürde halkymyzyň agzybirligi, her bir raýatyň Garaşsyzlyk gymmatlyklarymyzy gözüniň göreji ýaly goramagy örän möhümdir.

Biz halkara howpsuzlyk ulgamyny berkitmäge gönükdirilen daşary syýasat ugrumyzy dowam edip, Birleşen Milletler Guramasynyň we onuň düzümleriniň ornuny pugtalandyrmaga ýardam bereris.

Milli bähbitlerimizi berk gorap, häzirki köpugurly dünýäde özüniň netijelidigini görkezen sazlaşykly we oýlanyşykly daşary syýasatymyzy yzygiderli dowam ederis diýip, milletiň Lideri aýtdy.

Döwlet Baştutany ýygnananlara ýüzlenip, her ýyl bir şygary yglan edilýändigini, şol şygaryň hem öňde goýan maksatlarymyza tarap ynamly öňe gitmäge ýardam edýändigini belledi.

Şunuň bilen baglylykda, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowanyň beren maglumatyna görä, deputatlar we halkymyz bilen giňden ara alyp maslahatlaşmagyň netijesinde teklip edilýän geljek ýylyň şygaryny we nyşanyny makullady.

Ýygnananlaryň el çarpyşmasy astynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow geljek, 2021-nji ýylyň şygaryny «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýip yglan etdi.

Döwlet Baştutany geljek ýylda ähli çäreleriň, şol sanda binalary we desgalary dabaraly açyp, ulanmaga bermek boýunça çäreleriň eziz Diýarymyzyň Garaşsyzlygynyň 30 ýyllyk şanly baýramyna bagyşlanyp geçirilmelidigini nygtady.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow çykyşynyň başynda milli Liderimizi şu günki mejlise gatnaşyjylaryň adyndan Täze, 2021-nji ýyl bilen tüýs ýürekden gutlady hem-de döwlet Baştutanymyza berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan köptaraply işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Bellenilişi ýaly, «Türkmenistan — Bitaraplygyň mekany» şygary astynda geçýän ýyl döwletimiziň we jemgyýetimiziň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan şanly wakalara beslendi. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 25 ýyllyk baýramynyň bellenilen ýylynda döwlet syýasatynda, durmuş-ykdysady ulgamda we halkara gatnaşyklarda ýokary sepgitlere ýetildi diýip, wise-premýer sözüni dowam etdi.

Şeýle hem wise-premýer, daşary işler ministri Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda döwletimiziň ykdysady kuwwatyny berkitmek, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak ugrunda döwlet derejesinde zerur işleriň geçirilendigini belledi. Türkmenistanyň daşary syýasatynda gyzyklanma bildirýän döwletler we halkara guramalar bilen ýurdumyzyň ýola goýýan gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykdy.

Şu ýylyň 7-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisinde halkara gatnaşyklarda bitaraplyk ýörelgelerini iş ýüzünde amala aşyrmakda ygtybarly hukuk binýady bolan «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy saklamakda we pugtalandyrmakda hem-de durnukly ösüş işinde bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi, şeýle hem milli Liderimiziň teklibi boýunça BMG-niň çäklerinde Bitaraplygyň dostlary toparynyň döredilmegi Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyçlarynyň halkara derejede ykrar edilýändiginiň we Türkmenistanyň dünýä ýüzündäki abraýynyň belende galýandygynyň nobatdaky subutnamasy bolup durýar.

Wise-premýer, daşary işler ministri çykyşynyň dowamynda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 30 ýyllyk baýramynyň belleniljek we döwlet Baştutanymyzyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilen 2021-nji ýyly mynasyp derejede garşylamak boýunça zerur işleriň geçirilýän günlerinde «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 25 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglanandyklary üçin ähli kärdeşleriniň adyndan Türkmenistanyň Prezidentine hoşallyk sözlerini beýan etdi.

Şeýle hem Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Täze, 2021-nji ýylda öňde durýan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi ugrunda ähli zerur tagallalaryny gaýgyrman işlejekdiklerine ynandyrdy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, 2020-nji ýyl Türkmenistan üçin taryhy ähmiýetli wakalara baý boldy. Ýurdumyzyň ykdysady we durmuş ulgamlarynyň ähli düzümlerinde ýokary netijeler gazanyldy. Munuň özi Diýarymyzyň ykdysady kuwwatynyň pugtalandyrylmagynda, halkymyzyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagynda has ähmiýetli boldy diýip, milli Liderimiz aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň bilelikdäki mejlisini tamamlap, geljek ýylyň şowly bolmagyny, Täze ýylyň täze üstünlikleri we rowaçlyklary getirmegini, ýurdumyzy mundan beýläk-de ösdürmek, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak ugrunda nobatdaky möhüm ädimleri ätmegini arzuw etdi we hemmeleri ýetip gelýän Täze, 2021-nji ýyl bilen gutlady.

Интернет газета
Международные новости

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА



***Руководители Парламентов Туркменистана и РФ провели телефонный разговор***

Приоритетные векторы межпарламентских контактов были обсуждены в рамках состоявшегося телефонного разговора между Председателем Меджлиса Туркменистана Г.Маммедовой и Председателем Совета Федерации Федерального Собрания Российской Федерации В.Матвиенко.

Спикер Совета Федерации адресовала Президенту Гурбангулы Бердымухамедову и всем туркменистанцам поздравления и наилучшие пожелания в связи с наступающим Новым 2021 годом, который по инициативе туркменского лидера провозглашён Генеральной Ассамблеей ООН Международным годом мира и доверия.

Подчеркнув значимость статуса нейтралитета Туркменистана, Председатель Совета Федерации Федерального Собрания Российской Федерации отметила важную роль принципов туркменского нейтрализма в современных мировых отношениях.

Как отмечалось в ходе беседы, Туркменистан и Россия привержены исконным дружественным связям и их сотрудничество было и остаётся одним из стратегических направлений внешнеполитической стратегии глав обеих государств.

В ходе обмена мнениями по ключевым направлениям двустороннего сотрудничества, стороны высказались за дальнейшее углубление отношений и конкретизировали его перспективные аспекты. Отметив важность реализации новых совместных проектов, руководители парламентов озвучили ряд конкретных предложений.

Большие возможности для расширения взаимного диалога открываются в связи с переходом к двухпалатной системе высшего законодательного и представительного органа Туркменистана. В данном контексте, констатировав роль парламентских групп дружбы, стороны высказались за организацию обмена опытом между депутатскими корпусами двух дружественных стран.

***Румыния заинтересована в более значительном присутствии своих компаний на туркменском рынке***

Румыния заинтересована в более значительном присутствии своих компаний в Каспийском регионе, в том числе на туркменском рынке, отметили в Министерстве экономики, энергетики и бизнес-среды Румынии.

«Стоит особо отметить заинтересованность румынских производителей оборудования для нефтегазового сектора, таких как UZTEL SA, CONFIND SA или PETAL SA, признанных за высокое качество своей продукции, в реализации на туркменском рынке», - говорится в сообщении Министерства экономики Румынии.

«Мы также хотели бы видеть более активное присутствие в Румынии компаний из Туркменистана», - добавили в Министерстве.

Румыния выражает полную открытость на политическом и правительственном уровне для развития сотрудничества с Туркменистаном, говорится в сообщении. Особо рассматриваются возможности сотрудничества, предлагаемые энергетическим сектором Румынии и Туркменистана.

«Мы надеемся, что сможем как можно скорее возобновить двусторонний диалог, в том числе очные встречи по энергетическим темам, поскольку они играют важную роль для представления особенностей бизнеса каждой страны, а также для предоставления конкретной и актуальной информации румынским и туркменским компаниям и деловым организациям, заинтересованным в этих рынках, торговых возможностях и путях доступа на эти рынки в регионе»,- говорится в сообщении Министерства.

***Круглый стол, посвящённый вопросам взаимодействия между государствами Центральной Азии в современных условиях***

В Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялся «круглый стол» с участием Специального представителя Генерального секретаря ООН, главы Регионального центра по превентивной дипломатии для Центральной Азии Натальи Герман.

Встреча была посвящена вопросам взаимодействия между государствами Центральной Азии в современных условиях, а также расширению экономических, социальных и культурных прав женщин в укреплении основ демократии.

В заседании «круглого» стола также приняли участие Председатель Меджлиса и Председатель Национального центра профсоюзов, Центрального совета Союза женщин Туркменистана.

Как прозвучало в выступлениях, избрание Туркменистана в Исполнительный совет структуры по вопросам гендерного равенства и расширения прав и возможностей женщин является очередным свидетельством приверженности страны гендерному равноправию и сотрудничеству с ООН по данному аспекту.

Высоко оценивая перспективы дальнейшего сотрудничества, участники встречи подчеркнули, что Генеральной Ассамблеей ООН при соавторстве 73 государств единогласно была принята инициированная главой Туркменского государства Резолюция о провозглашении 2021 года – Международным годом мира и доверия.

Это яркое свидетельство всесторонней поддержки мировым сообществом внешнеполитического курса, реализуемого Президентом Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедовым во имя обеспечения всеобщего мира, безопасности и устойчивого развития.

Нынешняя встреча стала ещё одним практическим шагом на пути укрепления диалога с международными организациями, и, в первую очередь, с ООН.

***Зарегистрировано 19 сделок на торгах Государственной товарно-сырьевой биржи Туркменистана***

На минувшей неделе на торгах Государственной товарно-сырьевой биржи Туркменистана зарегистрировано 19 сделок.

За иностранную валюту предприниматели из Объединённых Арабских Эмиратов, Швейцарии и Афганистана приобрели гидроочищенное дизельное топливо и авиационный керосин, произведённые в Туркменбашинском комплексе нефтеперерабатывающих заводов.

Помимо этого, за иностранную валюту была зарегистрирована хлопчатобумажная пряжа. Страны покупатели: Турецкая Республика и Азербайджан. Общая сумма сделок превысила 33 миллиона 693 тысячи долларов США.

За манатные средства предприниматели и Объединённых Арабских Эмиратов, Шотландии, Пакистана, Казахстана приобрели хлопчатобумажную пряжу на общую сумму свыше 12 миллион манатов.

***Увеличен железнодорожный транзит на туркмено-иранской границе***



За последние семь месяцев железнодорожный транзит на туркмено-иранской границе через терминал Сарахс увеличился на 35 процентов по сравнению с аналогичным периодом прошлого года.

Грузооборот через Сарахс из Туркменистана в Иран составил 200 тысяч тонн.

Ранее в городе Сарахс открылся новый автомобильный мост, соединивший обе стороны туркмено-иранской границы. Это был второй совместный проект развития границы, связанный со строительством автомобильных мостов между двумя странами, направленный на расширение и развитие автомобильных перевозок.

***Азербайджан активизирует дипломатическое присутствие в Афганистане***

Парламент Азербайджана поддержал предложение правительства об открытии посольства в Афганистане.

Милли Меджлис (парламент) на пленарном заседании принял проект закона «Об учреждении Посольства Азербайджана в Исламской Республике Афганистан».

На заседании парламента азербайджанские депутаты отметили, что открытие посольства будет способствовать дальнейшему развитию двусторонних отношений.

Также уточняется, что Посольство Азербайджана будет действовать в столице Афганистана, в городе Кабул.

***Генеральная Ассамблея утвердила бюджет ООН на 2021 год***



После длительных консультаций Генеральная Ассамблея утвердила бюджет ООН на 2021 год. Председатель 75-й сессии Генеральной Ассамблеи Волкан Бозкыр подчеркнул, что работа по согласованию документа была непростой, но в конце концов государства смогли достичь консенсуса. Выделенная сумма, по его словам, позволит обеспечить полное и эффективное выполнение мандата Организации.

Генеральная Ассамблея утвердила чуть меньше запрошенной Генеральным секретарем ООН суммы, но разница несущественная. Всего выделено 3, 231 млрд долларов США.

В прошлом году Организация отошла от практики принятия двухгодичного бюджета и перешла к годовому бюджету. Генеральный секретарь ООН неоднократно подчеркивал, что Организация может справляться с поставленными перед ней задачами только тогда, когда государства-члены выполняют свои финансовые обязательства в полном объеме и своевременно.

Регулярный бюджет ООН состоит из взносов государств-членов Организации. Размер взноса каждого государства исчисляется в процентах от общих расходов ООН. Шкалу взносов каждые три года определяет Генеральная Ассамблея ООН. В основу положен принцип платежеспособности государств. При таком подходе учитываются показатели валового национального продукта. Если экономика конкретного государства развивается успешно, то растет и размер его взносов в бюджет ООН.

***Глицирризин, основной активный ингредиент корня солодки, эффективно нейтрализует SARS-CoV-2***



В мире продолжаются исследования лекарственных препаратов, способных бороться с нововявленным коронавирусом COVID-19.

Президент Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов выделят внимание особые лечебные свойства корня солодки, который в большом количестве произрастает на территории страны.

«Ученые отмечают, что активное вещество, глицирризиновая кислота, входящая в состав солодки, противодействует распространению пандемии коронавируса нового типа, с которой борется весь мир», - отметил Президент.

Специалисты Западногерманского центра инфекционных болезней, Рурского университета в Бохуме и Университета Дуйсбург-Эссен, при поиске эффективного и легко переносимого лекарственного средства, исследовали водный экстракт корня солодки на предмет его нейтрализующей активности против SARS-CoV-2 в пробирке. Раствор образца фермента был инкубирован при комнатной температуре 30 минут. Результаты показали, что глицирризин, основной активный ингредиент корня солодки, эффективно нейтрализует SARS-CoV-2, ингибируя основную вирусную протеазу.

Данные эксперименты указывают на то, что глицирризин является потенциальным противовирусным соединением, которое требует дальнейшего изучения для лечения COVID -19. Его фармакологические эффекты включают антиоксидантное и противовоспалительное действие, подобное кортикостероидам.

Сильная противовирусная активность, а также противовоспалительные свойства выделяют глицирризин как подходящего кандидата для дальнейшей клинической практики, включая исследования по лечению COVID-19.

***Цифровизация сыграла важную роль в борьбе с пандемией***

В совместной статье директора Европейского регионального бюро Всемирной организации здравоохранения (ВОЗ) Ханса Клюге и представителя организации в России Мелиты Вуйнович, посвященной итогам 2020 года говорится, что цифровизация позволила в условиях пандемии коронавируса восполнить вынужденные разрывы в предоставлении медицинской помощи при ряде заболеваний.

В ВОЗ отметили, что в 2020 году системам здравоохранения приходилось приспосабливаться к новым вызовам «с невиданной скоростью», совмещая оказание обычных медицинских услуг с необходимостью реагировать на пандемию. Цифровые решения способствовали устранению разрывов в тот момент, когда невозможно было оказывать услуги в формате личного приема.

*Материалы подготовлены на основе интернет-источников.*